# Isleg

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Isleg ISLEG

Meniň ýaşap ýören owadan dünýäm,
Süýjüje hyýaldan dogulan wysal.
Kakam gursagynda sünnälän yşgy,
Arzyly arzuwlar bolmaz ýaly a:l.

Sallançagyň bady aýlap ýyllary,
Ýörjen-ýörjen ädimlerim sanalan.
Aşyklar hemradyr meniň ömrüme,
Men olaryň mähri bilen ulalan.

Süňňüme saralan inçe duýgulaň,
Keşde gaýan ýaly iňňesi bilen.
Kiçijikkäm goşarymy bezäpdir,
Ejem gadym hanlaň teňňesi bilen.

Kalbym içre dünýä bilen utgaşyp,
Siňipdir gursagma mukaddesligi.
Agzybir, bagtyýar, abadan ojak-
Ähli ynsanlaryň köňül islegi.

Aýbibi AÝMAKOWA. Goşgular